# Geliň, watanmyzy gorap saklalyň!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Geliň, watanmyzy gorap saklalyň! GELIÑ, WATANMYZY GORAP SAKLALYÑ!

Serhetde goraýan watanmyň çägin,
Geliň, watanmyzy gorap saklalyň!
Gursakda jan deýin ol ýeke-tägim,
Geliň, watanmyzy aýap saklalyň!

Gije-gündiz gezýän watanmy gorap,
Pederleñ ruhuna baş egmek sogap,
Şoñ üçin baýdagma edýärin togap,
Geliň, watanmyzy gorap saklalyň!

Ýagydan ýurduny goranda peder,
Duşmandan hiç hili etmändi heder,
Diýip»Watan üçin şirin jan nedir»
Geliň, watanmyzy aýap saklalyň!

Kynçylykdan heder edmeris asla,
Topraga nämährem aýagyn basmaz,
Watan waspy sygmaz goşgydyr-kyssa,
Geliň, watanmyzy gorap saklalyň!

Bu asuda ýurduň gadryny bilip,
Gaýgysyna aglap, şatlygna gülip,
Watanmyň pajarlap ösüşin görip,
Geliň, watanmyzy aýap saklalyň!

Mertler öz ýurduny gezer goraglap,
Iliň derdin oýlap, gezer soraglap,
Garaşsyz ýurdumyň baýdagy parlap,
Geliň, watanmyzy gorap saklalyň!

Geliň, watanmyzy aýap saklalyň!

19.10.2019

Gurban GELDIÝEW. Goşgular